# Pyraga tagzym edeliñ!

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyraga tagzym edeliñ! PYRAGA TAGZYM EDELIŇ!

*Gerkez obasyndan bolan Aşyrmämmet Hasmämmedow obama-oba aýlanyp, beýik Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine degişli il arasyndaky gürrüňleri toplaýar. Onuň tagallasy bilen Magtymgulynyň okan kitaplarynyň ençemesi beýik şahyryň Gerkezdäki muzeýinde öz ornuny tapdy.*
*Magtymgula bolan söýgi we yhlas onuň arap hatyny suwara öwrenmegine getirdi. Ol arap ýazuwyny oňat bilşi ýaly, bu dilde arkaýyn gürläp bilýär.*

* * *

— Aşyrmyrat, sen indi ençeme ýyldan bäri Magtymguly muzeýinde işläp gelýäň. Öz işleriňiz barada nämeleri aýdasyňyz gelýär?

— Magtymgulynyň edebi muzeýi onuň öz mekanymda, gözel Sumbar jülgesiniň Gerkez obasynda ýerleşýär. Muzeý 1983-nji ýylda şahyryň 250 ýyllyk ýubileýi geçirilende açyldy. Başda mekdepdäki çaklaňja muzeýiň eksponatlary onuň özenini tutdy. Ýöne soňky wagtlarda Magtymgulynyň ömrüne we döredijiligine, edebi mirasyna degişli zatlar hakda intensiw işlemegi boldy. Magtymgulyny baýlaşdyrmak üçin bütin Türkmenistana aýlanyp, onuň 6 sany elýazma kitabyny ele salmak başartdy. Şolaryň iň ähmiýetlisi 1902-nji ýylda doglan, Garrygalanyň günbatarsyndaky «Komsomol» posýolugynda ýaşaýan, Hudaýberdi aga Annaberdiýewden alyndy. Hudaýberdi aga 30-njy ýyllarda ussat elleri bilen, hatdat gollary bilen onuň 331 goşgusyny göçüren eken. Muzeýiň «Edebi miras» diýen bölüminde türki, parsy hem-de arap dillerindäki elýazma, daş basma kitaplaryň ençemesi bar. Şolaryň içinde Çendir jülgesiniň Ak obasynda ýaşaýan Täzegül daýza Babaýewanyň (1923-nji ýylda doglan) öýünden tapylan «Kysasyl enbiýa» kitaby hem bar. Kitap 1900-nji ýylda Stambul şäherinde arap grafikasynda çap edilipdir.

Şonda meniň Magtymgulynyň öçmejek setirleri ýadyma düşdi.

*Defterler içinde bir kitap gördüm,*
*Kysasyl enbiýa atly ýaranlar.*
*Hezreti Ýusufny beýan eýläli,*
*Her sözi şekerden datly ýaranlar…*

Umuman, şo kitabyň özi galyň, küti kitap bolup, Magtymgulynyň öz döwründe okan kitaby diýip çaklamaga esas döredýär. Başgada Kaýum Taňrygulyýew «Gahryman Katy», 1912-nji ýylda Buharada arap grafikasynda, daşbasma usulynda çap edilen Nurmuhammet Andalybyň «Babaröwşen» kitabyny muzeýe sowgat berdi.
Skulptor Mommy Seýitmyradow «Döwletmämmet Azady ogly Magtymguly bilen» diýen heýkel eseri muzeýiň görnükli ýerinde goýuldy. Muzeýe gelenler beýik şahyryň aryf akyldar kakasy Azadyny synlap, oňa togap edýärler. Muzeýe gelýänleriň hem ençemesi bize öz hyzmatlaryny hödürleýärler. Arada gyzylarbatly şahyr Amangeldi Amanow öýünde köne kitabyň bardygyny, eger gerek bolsa ony muzeýe tabşyryp biljekdigini aýtdy. Şo kitaby okap gördük. Ol «El hekaýat jemigi» diýlip atlandyrylýan eken. Ýagny, hekaýatlar jemi. Teksti türki dilinde. 1905-nji ýylda Samarkantda çap edilipdir.
Magtymgulynyň ýaşan döwrüni öwrenmek üçin türkmen halkynyň sowatly ogullarynyň hem edebi miraslaryna üns berip başladyk. Hiç kime gizlin däl, öz döwründe ady ähli türkmene belli bolan atly-abraýly, biçak sowatly adam Goçmyrat ahunyň edebi mirasy bardyr diýip çak edýärin. Sebäbi Goçmyrat ahunyň özi diwandan spesialist bolupdyr. Şu ýerde birazajyk düşündiriş bereýin. Medresäni gutaranlar bir tarapdan, kazy hem-de mudarryf (mugallym) ýa-da molla bolup çykýan ekenler. Goçmyrat aga Hywa medresesinde okaýar we diwandan spesialist bolup ýetişýär. Ol ýokary derejeli kazy ekeni. Goçmyrat aganyň deň-duşy, oňa uly hormat goýan, beýik Pyragynyň garyndaşy bolan Annagurban ahunyň özüniň gürrüňi ýaşulularyň ýadynda. «Goçmyrat düýşündede bizden akylly adamdyr. Ylmyň hem-de pähimiň öýi Goçmyratdyr» diýip aýdan sözleri tötänden däldir. Ýöne durgunlyk ýyllarynda, ondan öňki şahsyýet kulty ýyllarynda

birentek sowatly adamlaryň yzyndaky miraslary paýhynladylar, türkmen edebiýatynyň, ylmynyň öňünde geçilmejek jenaýatlar edildi. Şolary halkyň içinden gözläp tapmak biziň borjumyz.

Ýene-de şu ýerde bir zady ýatdan çykarmaly däl. Magtymguly ýaly beýik ynsana hyzmat etmek üçin, şeýle şygary öz öňümde goýdum: «Ýok zady tapmak, mümkin däl zady bitirmek meniň mukaddes borjum».

Şu zatlary amala aşyrmak üçin adamlaryň ynanjyna, mertebesine, zähmetine uly hormat goýmaly. Ak göwün bilen olardan haýyş etmeli. Magtymguly şu wagta çenli 700 sany golýazmada gabat gelýär. Şolaryň hemmesi diýen ýaly görkezgiçlerde saklanyp galypdyr. 700 adamyň göçürmeginiň özem öňki sowatly adamlaryň Magtymgula bolan ýagty, röwşen hormatydyr.

Filologiýa ylymlaryň kandidaty Aşyrpur Meredow Eýranda ýaşaýan Magtymgulynyň garyndaşy Annagurban Muhammediniň öýünde şahyryň öz elýazmasynyň saklanýandygyny maňa aýtdy. Şol kitap barada biz öňden eşidip gelýärdik. Magtymgulynyň öz külliýet kitabyny – (ýygyndy kitaby, diwan bolanda, liriki goşgular) gören adamlar hem bar. Onuň elinde okan adamlardan, mysal üçin, Ymmat mollaň (Partizan Allaýar Gurbanowyň kakasy) öýünde sekiz kitap saklanypdyr. Sabyr Annaýewanyň öýüne baramda (Gerkezdäki 3-nji orta mekdebiň matematika mugallymy) bir kitaby öňümde goýdy. Ol 1902-nji ýylda Şemsetdin Hafyzyň Buharada daşbasma usulynda çap edilen kitaby eken. Başga-da Bendesen obasyndan mugallym Öwezmämmet Nurmämmedowyň öýünden Nowaýynyň rewolýusiýadan öň türki dilinde çykarylan diwany saklanýar.

Obamyzda mekdep, medrese gören Kömek aga şeýle zady maňa gürrüň edip berdi: «Magtymgulyny ýygnamak üçin bütin gadymy sowady bir ýere jemläp, üstesine-de geliň Magtymguly ýaly birazajyk derläliň» diýipdi.

Dogrudanam Magtymgula berilýän aýlygyň hormatyna unuşmak, ýa-da sekiz sagady geçirmek üçin oturmagyň özi, onuň yzyny baýlaşdyrmaga eltmän, ol mugthorluga alyp barýar. Bu zat Magtymguly ýaly adamyň adyna şöhrat getirmän, seniň ejizligiňi, iglidigiňi aňladyp duran alamatlar.

Eger Magtymguly Pyragy ýaly adamyň geljekki muzeýine onuň abraýyna, şöhratyna eden işim syrkmajak bolsa, men hem döwlet

edaralarynyň başga birinde işläp, 8 sagady geçirip, galan 16 sagady dynç alardym. Ýöne beýik Pyragy bolany üçin, bir gije-gündizde 24 sagady az görýän. Magtymgula söz bereliň:

*Kemlik eýle, kemal bar,*
*Meýlek etme, zowal bar,*
*Her başda bir hyýal bar,*
*Gül özüni iç saýar.*

– Arap grafikasyny öwrenmegiňe-de Magtymgulyny öwrenmäge bolan yhlas sebäp bolandyr?

– Arap grafikasyny öwrenmegime sebäp bolan zatmy… Biz bir zady unutmalyň. Adamyň tebigy zehini bilen okuw programmasyndaky materiallar deň gelmeýär. Men başda arap grafikasyny öwrenmek üçin Hudaýberdi aganyň dört sany golýazmasyny okadym. Özem dört gijede şolaryň haýsy harplary aňladýandygyny öwrendim. Soňam Seganyň «Samouçitel arabskogo ýazyka» diýen kitaba gabat geldi. 1971-nji ýylyň fewral aýyndan tä iýun aýyna çenli uly zähmet sarp etdim. Arap grafikasyny bilmek üçin eliň, ýüregiň, beýniň bir gopmaly. Her gün agşam 2 sagat wagtymy şoňa sarp edýärin. Arap grafikasyny ýazmak üçin biraz çeper elli bolmaly. Hudožnik bolmaly. Hudaýberdi aga ýalak adamlaryň gadyryny bilmeli. Şolar bilen ysnyşykly gatnaşykda bolmaly.

– Şu wagta çenli Magtymgulynyň genelogiýasy doly öwrenilmedik…

– Dogry aýdýaňyz. Folklory öwreniji Ümür Esenow şeýle ýazýar: «Magtymguly kimdir? Gyşykdyr. Gyşykda kimdir? Gerkezdir. Ýa-da Magtymguly kimdir? Gerkezdir. Gerkezde kimdir? Gyşyk. Gyşykda kimdir? Erke?» diýen pikiriniň özi düýbünden nädogry. Magtymgulynyň özünden nesil galmany belli zat. Özi aýdyp dur-a:

*Magtymguly ýaratmadyň,*
*Bir setirne darykmadyň.*
*Perzent pohun arytmadyň,*
*Geçdi günüň symyş bilen…*

Ýöne Azadynyň şumatky garyndaş satýanlarynyň özi — olar töweregindäki garyndaşlary. Şu wagta çenli Azadynyň neslini dowam etdirenlere üns bereliň:
Owaly Döwletmämmediň Magtymguludan başga erkek ogly galmaýar. Abdylla bilen Muhammetsapa duşmanyň elinden ölýär. Şonuň yzyny dowam etdirenler: Azadynyň eje tarapyndan dogan oglany, kaka tarapdan dolanany Kagryguludyr. Ýöne Gaýryguly diýip aýdýarlar. Kahrygulynyň ogly Bäbek molla, oň ogly Garaja molla, oň ogly Bürre molla.

*Bürre mollaň ýowary*
*Hany, munuň dowary*
*Üýşüp basym sowalyň*

diýlen adam. Bürre mollanyň 1960-njy ýylda dünýä inen hem-de Goçmyrat ahun bilen Hywanyň medresesini gutaryp, 28 ýaşynda ahunlyk derejesini alan Annagurban Garrygalaň ilersinde Wagy obasynda özi mekdep-medrese açýar. Şol mekdep-medrese häzir towuk ýatagyna öwrüldi.
Annagurban aga 1924-nji ýylda 64 ýaşynda dünýäden ötýär. Şondan sorapdyrlar. «Hezret Annagurban ahun, Magtymguly Pytagy näçe ýaşady?» diýende «Ak goýundan ýedi ýyl öň dünýäden ötendir. Kakasyndanam dört ýyl öň dünýäden ötendir» diýip aýdypdyr. Olam 58 ýaş bolýar. 56 ýaşyň özi az däl. Ol gün Gyzyletrege baramda, birentek gadymy ýazgylara seretdim weli, ýekeje adam 71 ýaşapdyr. Galanlary 50 bilen 60-yň aralygynda.
Indi Kahragulyň neslini dowam etdireliň. Onuň Annagurbandan önen zürýady: ogly Nazarmämmet Magsym (magsym diýmegiň özi magdüm — beýik) 1898-nji ýylda dünýä inip, 1945-nji ýylda dünýäden ötýär. Ony Eýranyň Doýdukgerkez obasynda jaýlaýarlar. 9-njy maý diýlende onuň kyrk aşy berlipdir. Onuň ogly Annagurban aga 1926-njy ýylda Garrygalada, Wagada eneden bolýar. 1929-njy ýylda Eýrana göçüp gidýär. Onuň ogly hem Gara ahundyr. Gara ahunyň bir ogluna Döwletmämmet Azady, beýlekisine Magtymguly Pyragy diýip at goýlupdyr. Ynha Azadynyň eje tarapyndan dogan oglany kaka tarapyndan dolanany bolup gelýän nesli. Ýöne ony jejireleşdirmek, çukurlaşdyrmak1

baş arkasyny sanap, «Meň Magtymgulyň nesli» diýmek, muň özi mynasyp pikir däl. Olar barada men ekskursiýada-da gürrüň beremok.

– Magtymgulynyň ölümi bilen baglanyşykly il içinde nähili gürrüň bar?

– Magtymguly ölmezinden öň Soňudaga bagyşlap goşgy ýazýar.

*… Naýbadaýdyr biliň seniň.*

Naýbadaýdan aňryk eňen ýeriňde gündogar-günorta tarap süýşüp ugrasaň, deräň agzynda Aba Sary çeşmesi bar. Biziň gerkezlerimiz tomusda suw azalan wagty şo ýere göçüp gelýän ekenler. Ýaz aýlarynda bolsa şoň töweregindäki baýyrlaň üstünde oturar ekenler. Gargyjyk diýer, Gaplaňly diýer.

*Baýyrlary bezelipdir gül bile,*
*Taryp edip ýetip bolmaz til bile,*
*Irde-giçde söweş etseň gul bile,*
*Alynyň destidir, desti Gerkeziň.*

Bu Magtymgulynyň çap edilmedik goşgusyndan.
Magtymguly şo çeşmäniň boýunda jan berýär. Jan bermänkä ak der basypdyr diýip Annagurban agadan, ondan öňki ýaşululardan gelen gürrüňi eşitdim. Şonda «Baryň oglanlar, maňa çeşmeden suw getiriň» diýende, ylgap getirýärler welin, iň soňky güýji gidiberende şu goşguny okapdyr.

*Seýil edeliň bu jahana,*
*Jahanda näler görüner.*
*Isgender, Jemşit galdyran,*
*Beýik binalar görüner.*

Çaglan, ýalan dünýä çaglan,
Ne gülen galar, ne aglan.
Gar ýagmyrlap, burjy baglap,
Kemerli darlar görüner.

56 ýaşynda Magtymguly şo ýerde jan berýär. Ony iki sany ak

düýä ýükläp, öz haýyşy boýunça Azadynyň sag tarapynda jaýlaýarlar. Häzir eýranly türkmenler olaryň gonamçylygynyň üstünde uly abadançylyk geçirip ýörler. Biz şoňa daşyndan begenip ýörüs. Belki, gelejekde baryp hem göreris. Eýranlylar Magtymgulynyň üstünde onuň eneden bolan ýyly diýip 1733 milady, 1153 hijri, wepat 1790 milady, 1210 hijri diýip ýazdyrypdyrlar. Pygamber ýaşyna ýetmäni üçinem bir ýaş üstüne goşýarlar. Bu gadymy, däbimize, dessurymyza dogry gelýär. Annagurban aga 1888-nji ýylda ahunlyk derejesini alyp oba gelende, bir ýyl geçip-geçmän, ýörite öz ata-babalarynyň mazarynyň gözlegine çykýar. Şo taýda Totam eje diýip 108 ýaşly garry mama bar eken. Ak tokaýda. Olar öňki Aktokaýdan 12 kilometr aňry göçüp giden ekenler. Şony çagyryp getirdýär. Olaň arasynda şeýle gürrüň bolupdyr: «Totam eje, şu ýerde biziň babamyz Garrymolla haýsy ýerde?» «Ynha, şu ýatan Garrymolladyr». Ol başujunda kyrk aşy sowlansoň döwlen bir bürünçden ýasalan gazany görkezýär. «Hany biziň Magtymguly agamyz?» «Ynha, şu ýatan hezreti Magtymguludyr». «Hany biziň naçar doganymyz, Zübeýda?» diýende: «Şu altylaň içinde ýatandyr, oglum» diýýär. «Ýöne men ony bilemok» diýýär. Şonda Annagurban aga «Siz Magtymgulyny gördüňizmi?» diýip sorapdyr. «Men Magtymgulyny çalaja gördüm. Magtymguly gögüräjik, sakgally, goýun gözli, giň maňlaýly, orta boýly, ig adamdy, ýaşulurak adamdy» diýýär. «Öleni siziň ýadyňyzdamy?» diýýär. «Hawwa. Pylan wagtda» diýip, häzirki seniň bir ýyl aňry bolmasa-da bir ýyl bäri bolsun, gabat gelýär.
Umuman, Magtymgulynyň köp ýaşadyp ýörenler onuň başyna ýaşamadyk ýaşyny ýaşadyp, ýalan sözleýärler. Öňküdenem beter horluklary, onuň başyna salýarlar. Beýik adamlara köp ýaşyň dowamy däl-de, onuň ömrüniň mazmuny gerekdir. 56 ýaşyň her gününe Magtymgulynyň bir nesliň işini edip biljek adamdygyna göz ýetireliň!

– Ýaňy Magtymgulyň heniz çap edilmedik gogusyndan bir bent aýdyp berdiň. Gürrüňi şo goşgulara ýazaýsak nädýär?

– Çap edilmedik goşgularynda köplenç Magtymgulyny öz okan

kitaplary, halaýan şahsyýetleri, dünýä pikir ýetirmek… hakda söz açýar. Hatda dini goşgularynda strategik pikirini ýöredende-de şondan progressiw mazmuny çykarýaň. Bir goşgusyndan iki bent aýdyp bereýin:

*Mömin olan müňküre olma sözüme,*
*Jepbar bu jahany gör, harap eýlär.*
*Köp närseler gelip geçdi gözüme,*
*Bu dünýäde bet-bet kär harap eýlär.*

Dilegi duş gelmez hak diýip ýatanyň.
Işi rowaç tapar bet iş tutanyň.
Ýalançyda bolar güýç-güýç ýeteniň,
Dünýäni zulm bilen zor harap eýlär.

Görýäňizmi, ol haky ýöreden adamlar hakda näme diýýär. Şu ýerde meniň ýene Goçmyrat aga ýaly adamlar ýadyma düşýär. Olar hiç mahal ýerde galmazlar. Şu gün olar hakda doly aýtmasalaram, erteki gün olaryň aklanjak adamlardygyna ynanýaryn hem-de elimi çep döşümiň üstünde goýup, olara uly hormat goýýaryn. Olar türkmene ylym, düşünje, käbir dawa-jenjelli meselelerde parahatlyk ýoly bilen ylalaşyga gelmegi öwreden adamlar.

*Sabryň bolsa subhan ýeter dadyňa,*
*Jeňi-jedel laýyk däldir adyňa,*
*Hergiz alma ýaman sözi ýadyňa,*
*Tiken bolup dürtüp öter teniňden…*

Öňki sowatly adamlar gan turaýjak ýerde-de söz bilen, iň bir inçe diplomatiýa bilen işläp, halky doganlyga çagyryp gelen adamlar. Ýöne taryh ýazylanda türkmenleri biri-birine duşman etmegiň özem nädogry. Taryhda halk-halka, taýpa-taýpa duşman bolmandyr, ýöne olaryň içinde iki-ýeke azgyn adamlar öz bähbitlerini arapdyrlar. Şolaryň hem dawalaryny ýatyrmakda Goçmyrat aga ýaly, Annagurban aga ýaly, Mollatöre ahun ýaly adamlar uly rol oýnapdyrlar. Mysal üçin, Gyzylarbatda ýer-suw dawasy ýüze çykanda, bir adamam çözüp bilmeýär. Goçmyrat agany

äkidýärler. Şonda Goçmyrat aga dawany az tiräniň peýdasyna çözýär. «Nämüçin beýtdiňiz?» diýip soranlarynda, ol «Goý, kiçi tire-de uly halk bolsun, olaram şo derejä ýetsin. Siz uly tire ahyryn. Aza jebir salmak köpe uslyp däldir» diýipdir. Goçmyrat aganyň, Annagurban aganyň wagyz-nesihatlary ýygnalyp, çap edilse, halka hödürlenilse, oňat bolardy. Şuň ýaly zatlaram ýygnaýan. Sebäbi Pyraga hormat goýup, ondan tälim alan sowatly adamlaryň edebi hem-de ömür miraslary ýitip gitmeli däldir.

– Goçmyrat aga Azadynyň neberesi bolan Annagurban ahun bilen bir medresede okapdyr. Annagurban aga öz medrese ýoldaşyna Azady, Pyragy hakda köp gürrüň berendigi belli zat.
Goçmyrat aganyň öz diwany hakda-da gürrüňiňiziň bir ýerinde söz açypdyňyz…

– Goçmyrat aganyň öz ýazan diwanyny tapdym. Ol 234 sahypalyk. Türkmen dilinde ýazylan, arap grafikasynda. Ony 1898–1899-njy ýyllarda ýazypdyr. Zehininiň zehin wagtynda ýazylypdyr. Şeýle hem Goçmyrat aga Mollanepesiň «Zöhre-Tahyr» dessanynam göçürden adam. Onuň edebiýata-da goşandy bar. Akademiýaň Golýazmalar fonduna baryp görseňiz, Mollanepesiň bu eseriniň ýekeje golýazmasy bar, olam Goçmyrat aga degişli.

– Magtymguly hakda soňky döwürlerde köp eser ýazyldy. Olara nähili garaýaňyz?

– Magtymguly hakda ýazylan eserleri men juda hüşgärlik bilen okaýaryn.
Magtymguly hakda ýazylan eserlerden N.Saryhanowyň «Kitap» hekaýasyny, B.Kerbabaýewiň «Magtymguly» librettosyny gaty gowy görýän.
Her kişi-de ýalňyşam bardyr, aýybam bardyr, ýöne ol adamlar Magtymgula başgaça çemeleşýärler.
Magtymguly hakda eser ýazmak üçin onuň döredijiligini gowy bilmeli.
T.Taganowyň «Dürler hazynasy» diýen powesti bar. Powestdäki hereket edýän Hanaly hanyň, Buzpoladyň gatnaşan gerkez-gökleň dawasy Magtymguly ýogalanda segsen ýyldan soňky bolup geçen

wakalar. Gylyç Kulyýewiň Magtymguly hakdaky romanynda ähli sözler bar, ýöne weli onda Döwletmämmet Azady bilen Pyragy ýok.
B.Bahrewskiniň Magtymguly hakda ýazan powestini hem okadym. Çagalara niýetlenen. Olam birhili günbatar nazary bilen ýazypdyr. Ýazyjy Gerkezde myhman bolýar. Biz obada Ata Şalyk diýip bir mugallym bar. Şoň bilen söhbetdeş bolýar. Ýazyjy biziň günlerimizde ýaşap ýören. Şonam powestiň bir gahrymany Ata Şalygy alýa-da, Magtymgulyň döwrüne äkidýär. Okasaňyz, şo powestde Ata Şalygyň ady bardyr.
Magtymgulynyň kanoniki portretinde güýçli pikirler ýöredilýär. Ýöne etnografik tarapyndan, hudožnigiň pikiri şo döwürde geçmändir. Magtymgulyň özi selleli bolan adam. Döwletmämmet Azadam pir bolan adam. Olam piriň ogly. Ol bir aýyp zat däl. Sebäbi onuň kellesine geýen zady ozal türkmeniň geýmedik zady. Hudožnigem ýalňyşdyran biziň obamyzda Seýitmämmet molla diýen bir adam bardy. Ol her gözüni açanda bir ýalan sözlärdi.
Ýöne Magtymguly bu portretini halk kabul etdi. Geliň oňa el çarpalyň. Muny eýranly türkmenlerem kabul etdi.
Häzir Gündogaryň beýik ogullarynyň arasynda öz muzeýi ýok şahyr diňe Magtymguly. Şonuň üçinem Aşgabatda onuň muzeýi açylýança köp zatlary ýygnamak gerek. Gerkezdäki muzeýiň ýerini giňeltmegi, ekspozisiýasyny baýlaşdyrmaly.
Mahlasy, ýüregimiz bilen Pyraga tagzym edeliň! Ol biziň her birimiziň ýürek baýlygymyz!

1989 ý. Söhbetdeşlik